# Ululara ýer bermelimi?

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ululara ýer bermelimi? ULULARA ÝER BERMELIMI?



*“Ulyny sylamak, kiçini söýmek –*
*Türkmeniň edebi, türkmeniň däbi»*.
Ulyny sylamak bir däp, edep we sylaşyk, kanun däl. Emma soňky döwürler seredýäň welin bu sylaşyk meselesi käbir ulylaryň arasynda kanuna öwrülip giden ýaly. Ýer bermeseň ýüzüni turşaýdyp seredýäler. Käbirleri bolsa kakdyryp döwrüň üýtgemeginden, ýaşlaryň sylaşyksyzlygyndan nalyş edýäler. Arasynda urmana höweslilerem ýok däl.
Öňräk bir awtobusda şu aýdanlarymy delillendirýän waka boldy. Awtobusa 2-3 ýaşuly mündi. Aý bizem näme, sylaşykda ýaryşyp ýer bermäne howlukdyk. Ýer tapan tapdy, tapmadygam ýaşlardan tamakin bolup töwrek-daşyny skanirläp durlar. Ine şonda ýaşkiçiň biri ýerini bermedi. Onsoň 50-ni görkezýän daýzanyň

biri başlady geplemäne. Kakdyrdy, bökdürdi, gepläp-gepläp kemini goýmady. Sesini gataldyp şol ýaşkiçi pahyry mundan çykaryp oňa gömüp abraýyny zaýalady. Biçäräniň özi bilen oňan bolsa-da hiç; ene-atasynam paralady. Nämemiş sylaşygy ýokmyş, diýmek tohumynda bir mesele barmyş!? Ol oglanam zordan üç duralga çenli çydady, onsoň ýüzi-gözüni gyzyl burç ýaly edip ýere seredip düşmeli boldy.
Asuda raýat hökmünde men, ilki daýzanyň tarapyndadym. Epigrafdaky goşgy setirleri kellämde dup-dury we batly ýaňlanyp durdy. Ýaňyň zwugyny peseldip bolanokdy we ol ýaşkiçini aýyplaýadym. Ýöne daýzanyň alyp baran rehimsiz söweşinden soň kelläm üýtgedi. Şol goşgudaky “kiçini söýmek” bölegi ýaldyrap ünsümi çekmäne başlady. Pikir edip görýäň welin ulylaryňam ulylygy ýok. Hany kiçä bolan söýgi? Sen nädip öz rahatlygyňy kiçiniň rahatlygyndan artyk görüp bilýäň? Uly-kiçi arasyndaky edep kadasyny berjaý etmek diňe kiçileriň gerdenindemi? Şeýle dälmi, ýa meniň kelläm artykmaç üýtgäpmi?

@ Ortanjy, WordPress, 28.12.2015 ý.

# Internetden alyndy. Jemgyýetçilik tankydy